**2023-nji ýylyň 04-nji martynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

**Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde okuw işine gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan jedelleri çözmek boýunça geňeş hakynda**
**DÜZGÜNNAMA**

## I. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri çözmek boýunça geňeş (mundan beýläk – geňeş) hakynda Düzgünnama Türkmenistanyň “Bilim hakyndaky” (rejelenen görnüşi) kanunyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.2. Bu Düzgünnama Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri çözmek boýunça geňeşi döretmegiň, işini guramagyň, karar bermegiň we ýerine ýetirmegiň tertibini kesgitleýär.

1.3. Bu Düzgünnama Türkmenistanyň bilim ulgamyndaky kanunlary, düzgünleri, kadalaşdyryjy namalary ýerine ýetirmek üçin işlenip düzüldi.

1.4. Geňeşiň düzümine direktoryň orunbasary, bölüm ýolbaşçylary, topar ýolbaşçylary, umumy ýaşaýyş jaýynyň terbiýeçisi, mekdebiň jemgyýetçilik guramalary, talyplar geňeşiniň ýolbaşçylary, ene-atalar geňeşiniň agzalary girýär. Geňeşiň işini direktoryň orunbasary utgaşdyrýar.

1.4. Geňeşiň düzümi we gurluşy mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen tassyklanýar. Toparyň düzümi direktoryň orunbasarynyň teklibi esasynda düzülýär.

1.5. Geňeş öz işini jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda amala aşyrýar.

1.6. Geňeşiň çözgüdi esasynda mekdebiň direktory degişli mesele barada buýruk berýär.

## 2. Geňeşiň işleriniň ugry we guramaçylygy

2.1. Geňeş Türkmenistanyň "Bilim hakyndaky" (rejelenen görnüşi) kanuna laýyklykda bilime bolan hukugy durmuşa geçirmek barada okuw işine gatnaşyjylaryň arasyndaky jedelleri çözmek üçin, şeýle hem pedagogiki işgärleriň bähbitleriniň gapma-garşylygy ýüze çykan halatynda, içki düzgünleriň ulanylmagy, okuw işine gatnaşyjylara garşy temmi çäreleriň ulanylmagy babatynda kararlara seretmek üçin döredilýär.

2.2. Geňeş öz işinde:

- okuw işine gatnaşyjylara arasynda ýüze çykýan düzgün bozmalaryň

ýagdaýyny, bu ugurda alnyp barylýan düşündiriş öňüni alyş çäreleriniň işlerini öwrenýär we seljerýär;

- tertip-düzgüni bozan okuw işine gatnaşyjylaryň işine indiwudual tertipde seredýär;
- mekdebiň ýolbaşçylary tarapyndan kararyň berilmegi üçin çylşyrymly meseleleri mugallymlar geňeşinde ara alyp maslahatlaşýar;
- tertip-düzgüni bozan okuw işine gatnaşyjylaryň işi derňelende şaýatlary çagyrýar.

2.3. Geňeş öz ygtyýarlygynyň çägindäki meseleler boýunça (zerurçylyk bolmasa) ýygnagyny iki aýdan bir gezek geçirýär.

2.4. Ýygnagyň beýany geňeşiň kätibi tarapyndan taýýarlanýar.

2.5. Geňeş okuw işine gatnaşyjylaryň arasynda ýüze çykýan jedeller barada arz-şikaýat gelip gowuşan gününden başlap 5 günüň dowamynda degişli meselä seredýär.

2.6. Arz-şikaýat ýazmaça görnüşde berilýär. Onda okuw işine gatnaşyjylaryň düzgün bozma faktyna ýol beren şahs, ýol beren kemçiligi we ýagdaýlary barada anyk maglumatlary beýan edilmeli.

2.7. Geňeşiň degişli mesele barada gelen karary onuň agzalarynyň 3/4 bölegi gatnaşan ýagdaýynda hukuk güýje eýedir.

2.8. Geňeş karary ýönekeý sesleriň köplügi esasynda kesgitlenýär.

2.9. Geňeşiň kararyny bellenen möhletinde ýerine ýetirmeklik okuw işine gatnaşyjylaryň ählisi üçin hökmanydyr.

2.10. Geňeş şikaýatçynyň ýazan arzasyna esas bolmasa, hukuk bozulma faktlaryny ýüze çykarmasa, hereketleri şikaýat edilýän adamyň özüni alyp barşynyň arasynda sebäp baglanyşygy kesgitlenmese, arza berijiniň hukuklarynyň bozulmagy baradaky şikaýaty kanagatlandyrmakdan ýüz öwürýär.

2.11. Geňeş öz işini ene-atalar geňeşi bilen bilelikde amala aşyrýar.

## 3. Geňeşiň resminamalary

3.1. Geňeşi döretmek barada buýruk;
3.2. Ýygnaklaryň beýany;
3.3. Bidüzgünçilik edip hasaba alnan talyplaryň sanawy;
3.4. Hossarsyz talyplaryň sanawy.

## 4. Geňeşiň ygtyýarlyklary

4.1. Geňeş öz işiniň dowamynda şu aşakdaky hukuklara eýedir:

- öz wezipe borçlaryny ýerine ýetirmeýän we pedagogiki işgärleriň hünär etikasynyň kadalary hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryny bozan mekdebiň işgärlerini jogapkärçilige çekmek barada direktora teklip bermäge;
- mekdebiň Tertipnamasyny we mekdebiň talyplarynyň içki tertip-düzgüni hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryny bozan talyplary jogapkärçilige çekmek barada direktora teklip bermäge.

## 5. Geňeşden agzanyň aýrylmagy we ýatyrylmagy

5.1. Geňeşiň agzasyny onuň düzüminden çykarylmagy:

- geňeşiň agzasynyň ýazan şahsy arzasy esasynda;
- geňeşiň düzüminiň 2/3 böleginiň ýazmaça talapnamasy esasynda;
- okuwdan çykarylan talybyň hossary geňeşiň agzasy bolsa ýa-da geňeşiň agzasy bolan işgär işden çyksa;

5.2. Geňeşiň agzasy azalanda gyssagly tertipde täze agzanyň saýlawy geçirilýär.

5.3. Geňeş jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen ýatyrylýar.